# Maña mundan artykmaç zat gerek däl

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Maña mundan artykmaç zat gerek däl MAÑA MUNDAN ARTYKMAÇ ZAT GEREK DÄL

Maña mundan artykmaç zat gerek däl,
Maşgalam bar, ak bagtdan paý alan.
Işikden gelene berip güler ýüz,
Işikden çykany ak ýola salan.

Maña mundan artykmaç zat gerek däl,
Dostlarym bar, il-içinde abraýly.
Ejizlere tüýs ýürekden gol geren,
Göýä, gökden inen perişde ýaly.

Maña mundan artykmaç zat gerek däl,
Sadalyk bar ýaşlygymyñ bahrynda.
Sadalykdan dogan Aý ýrym üçin,
Bagtyñ köşgün gurdum sada şährimde.

Maña mundan artykmaç zat gerek däl,
Oñat päl bar, bu köñlümiñ töründe.
Onuñ bilen ýugrulandyr duýgulam,
Onuñ bilen päklenendir ömrüm-de.

Maña mundan artykmaç zat gerek däl,
Terbiýäm bar atalardan ýadygär.
Eger sizden alkyş alÿan bolaýsam,
Onuñ añyrsynda şolañ ady bar.

Hyýallarym telmurup dur başymda,
Şänik ýok bolaýsa erik – erik däl.
Pikirlerim sadalykdan dörese,
Maña mundan artykmaç zat gerek däl.